# Halkara Parahatçylyk we Ynanyşmak Ýyly: Durnukly Ösüşi Üpjün Etmekde Sebitara Ykdysady Hyzmatdaşlygyň Orny

Dünýäniň parahatçylykly we durnukly geljegini üpjün etmek ähli döwletleriň öňünde durýan esasy meseleleriň biridir. Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýylynyň yglan edilmegi döwletleriň arasyndaky hyzmatdaşlygy ösdürmek bilen birlikde, ykdysady gatnaşyklaryň durnukly ösüşe ýetirýän täsirini has-da öňe çykardy. Sebitara ykdysady hyzmatdaşlyk diňe bir ýurtlaryň ykdysady taýdan ösmegine däl-de, dünýäde parahatçylygyň we ynanyşmagyň esaslarynyň berkemegine hem kömek edýär.

Sebitara hyzmatdaşlyk dürli ugurlarda özüni görkezýär, şolaryň ilkinjisi ulag we söwda ulgamydyr. Sebit ýurtlarynyň bilelikde gurýan ulag infrastrukturalary – demir ýol, awtomobil ýollary we deňiz portlary – söwda akymlarynyň artmagyna ýardam edýär. Harytlaryň we hyzmatlaryň erkin hereketi sebitdäki ýurtlaryň arasynda ykdysady taýdan özara baglylygy ýokarlandyrýar. Netijede, ýurtlar ykdysady taýdan biri-birine bagly bolup, parahatçylykly gatnaşyklaryň dowam etmegine gyzyklanma döredýärler.

Energiýa ulgamynda hyzmatdaşlyk hem möhüm ähmiýete eýedir. Tebigy baýlyklara baý ýurtlaryň energiýa serişdelerini netijeli ulanyp, olary beýleki ýurtlara ibermekde hyzmatdaşlyk etmegi diňe bir energiýa howpsuzlygyny üpjün etmän, şol bir wagtyň özünde energiýa bilen bagly gapma-garşylyklaryň öňüni alýar. Şeýle hyzmatdaşlygyň ösüşi, esasan, energiýanyň täzelenýän çeşmelerine maýa goýumlary artdyrmak arkaly, ekologik durnuklylygy hem gazanýar. Bu ýagdaý döwletleriň arasynda uzak möhletleýin ynanyşmagyň we hyzmatdaşlygyň ösdürilmegine itergi berýär.

Azyk howpsuzlygy hem ýurtlaryň sebitara ykdysady hyzmatdaşlygynyň aýrylmaz bölegidir. Oba hojalygynyň ösüşini üpjün etmek üçin bilelikdäki taslamalaryň durmuşa geçirilmegi sebit ýurtlarynyň azyk üpjünçiligini gowulandyrýar. Oba hojalyk önümçiliginde tejribe alyşmak we täze tehnologiýalary ulanmak ýerli bazarlaryň durnuklylygyny saklamaga kömek edýär. Bu ýagdaý diňe bir ykdysady taýdan däl, halklaryň durmuş taýdan abadançylygyny üpjün etmekde hem möhüm ähmiýete eýe.

Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýyly ýurtlaryň arasynda gatnaşyklaryň täze mümkinçiliklerini açmakda möhüm başlangyç boldy. Sebitara ykdysady hyzmatdaşlygyň ýola goýulmagy we ösdürilmegi döwletleriň arasynda durnukly ösüşiň kepiline öwrülýär. Hyzmatdaşlyk arkaly ýurtlar diňe bir ykdysady taýdan ösüş gazanman, syýasy we sosial meseleleri hem bilelikde çözmäge mümkinçilik tapýarlar.

Netijede, sebitara ykdysady hyzmatdaşlyk häzirki zaman dünýäsinde durnukly ösüşi gazanmagyň we parahatçylygy berkarar etmegiň möhüm serişdesi bolup durýar. Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýylynyň çäginde gazanylan üstünlikler ykdysady hyzmatdaşlygyň ýurtlaryň arasynda uzak möhletleýin ynanyşma we dostluk gatnaşyklarynyň

Все права защищены

pugtalanmagyna nähili itergi berýändigini görkezýär. Geljekde hem şeýle hyzmatdaşlygy ösdürmek we giňeltmek dünýäniň durnukly we abadan geljegini üpjün etmekde möhüm orun oýnar.

**Mähriban AKYÝEWA**
**Türkmen döwlet maliýe institutynyň talyby**

Все права защищены